**Türkmenistanyň Suwdaky Sport Görnüşleriniň Federasiýasynyň**
**Türgenler Komitetiniň maslahatynyň**
**Teswirnamasy**

30.08.2025

Aşgabat ş.

**Gün tertibi**

1. 2028-nji ýylda geçiriljek Tomusky Olimpiýa oýunlaryna taýýarlyk görmek meselesi boýunça.
2. Bahreýn Patyşalygynyň Manama şäherine "World Aquatics" guramasynyň okuw-türgenleşik bazasyna sapara barýan suwda ýüzmek boýunça ýygyndy toparyň türgenlerine dörediljek şertler barada.

Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Türgenler Komitetiniň başlygy M.Žalaýew maslahatyna gatnaşan 15 sany türgeni hasaba aldy.

1. Gün tertibiň I soragy boýunça Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň Türgenler komitetiniň başlygy M.Žalaýew 2028-nji ýylda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Los Anjeles şäherinde geçiriljek Tomusky Olimpiýa oýunlaryna häzirki wagtdan taýýarlyk işleriniň alnyp barylýandygyny, şeýle hem 8 türgeniň (4 gyz, 4 oglan) bu oýunlara taýýarlanmak üçin federasiýanyň tälimçileri we ýolbaşçylary tarapyndan saýlanandygyny habar berdi we ol türgenler bilen tanyşdyrdy. Ýygnaga gatnaşýan türgenler bu düzüm bilen doly ylalaşýandygyny hem-de bu düzülen esasy düzüme goşmaça ätiýaç düzümiň hem saýlanmagy ( 2 oglan, 2 gyz türgen) maksada laýyk boljakdygyny belläp geçdiler. Şeýle hem türgenleriň ýyllyk netijelerine görä bu esasy düzümi her ýylda täzelemek mümkinçiligini hem ara alyp maslahatlaşmaklygy Federasiýanyň ýolbaşçylaryna we tälimçilerine ýetirmek barada karara gelindi we bu teklip sese goýmaklygy sorady.

<u>**Teklip bir agyzdan kabul edildi.**</u>

<u>**Karar edildi:**</u> 2028-nji ýylda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Los Anjeles şäherinde geçiriljek Tomusky Olimpiýa oýunlaryna taýýarlyk görjek esasy 8 türgene goşmaça 4 sany ätiýaç türgeni (2 oglan 2 gyz) saýlamak baradaky teklibi Federasiýanyň ýolbaşçylaryna we tälimçilerine ýetirmeli.

2. Gün tertibiň II soragyna laýyklykda suwda ýüzmek boýunça türgen D.Akopýan çykyş etdi. Ol şu ýylyň sentýabr aýyndan "World Aquatics Scholarships Programme" maksatnamasy esasynda Bahreýn Patyşalygynyň Manama şäherine okuw sapara barýandygyny şeýle hem türgen W.Mirenskaýa indiki ýylyň ýanwar aýyndan bu sapara birikýändigi barada habar berdi we "World Aquatics" guramasyna we milli federasiýa bu döredilen mümkinçilik üçin sagbolsunlaryny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda bu türgenler milli ýygyndy toparyna berilýän şertlerden kesmezligi, ýagny beriljek sport iýmitlerinde, sport lybaslarynda olara hem paý çykarmaklygy we suwda ýüzmek boýunça ýygyndy toparyň gatnaşjak halkara ýaryşlaryna bu türgenleri hem goşmaklygy ýola goýmaklygy teklip berdi. Şeýlelikde teklip sese goýuldy.

<u>**Teklip bir agyzdan kabul edildi.**</u>

<u>**Karar edildi:**</u> "World Aquatics Scholarships Programme" maksatnamasy esasynda Bahreýn Patyşalygynyň Manama şäherine okuw sapara barýan türgenler D.Akopýany we W.Mirekskaýany milli ýygyndy toparyna berilýän şertlerden kesmezligi, ýagny beriljek sport iýmitlerinde, sport egin-eşiklerinde olara hem paý çykarmaklygy we ýygyndy toparyň gatnaşjak halkara ýaryşlaryna bu türgenleri hem goşmaklygy ýola goýmagy federasiýanyň ýolbaşçy düzüminiň dykgatyna ýetirmeli.

Türgenler komitetiniň başlygy M.Žalaýew

Ýygnagyň kätibi M.Ataýew

**Minutes of the meeting Ahtletes's Committee of the Aquatics Federation of Turkmenistan**

30.08.2025 Ashgabat c.

**Agenda**

1. Regarding preparations for the 2028 Summer Olympic Games..
2. On the conditions that will be created for athletes of the national swimming team traveling to the World Aquatics training base in Manama, Kingdom of Bahrain.

M. Zhalayev, Chairman of the Athletes' Committee of the Aquatics Federation of Turkmenistan, registered 15 athletes who participated in the conference.

1. On item I of the agenda, the Chairman of the Athletes' Committee of the Aquatics Federation of Turkmenistan, M. Zhalayev, reported that preparations are currently underway for the 2028 Summer Olympic Games to be held in Los Angeles, USA, and that 8 athletes (4 girls, 4 boys) have been selected by the coaches and management of the federation to prepare for these games, and he introduced the athletes. The athletes participating in the meeting fully agreed with this composition and noted that it would be appropriate to select an additional reserve composition (2 boys, 2 girls) to the main composition. It was also decided to inform the leaders and coaches of the Federation about the possibility of annually renewing this main composition based on the annual results of the athletes and asked them to vote on this proposal.

**The proposal was unanimously adopted.**

**Resolved:** The proposal to select 8 main and 4 reserve athletes (2 boys and 2 girls) who will prepare for the 2028 Summer Olympic Games in Los Angeles, USA, shall be brought to the attention of the Federation leaders and coaches.

2. In accordance with the II item of the agenda, the swimmer D. Akopyan made a speech. He informed that from September of this year, under the “World Aquatics Scholarships Programme”, the Kingdom of Bahrain will go on a study tour to Manama, and that the swimmer V. Mirenskaya will join this tour from January of next year, and thanked the “World Aquatics” organization and the national federation for this opportunity. In this regard, he proposed not to deprive these swimmers of the conditions provided to the national team, that is, to provide them with a share in the sports food and sportswear provided to them, and to include these swimmers in the international competitions in which the national team will participate. Thus, the proposal was put to a vote.

**The proposal was unanimously adopted.**

**Resolved**: The federation's leadership should be informed that athletes D.Akopyan and V.Mirekskaya, who are going on a study trip (to the Kingdom of Bahrain) under the World Aquatics Scholarships Programme, should not be deprived of the conditions provided by the national federation to the national team, that is, they should be given a share in the sports nutrition and sportswear provided, and these athletes should be included in the international competitions in which the national team will participate.

Chairman of the Athletes Committee M.Zhalayev

Secretary of the conference M.Atayev